TDS 583-2012

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY**

# TÜRKMENISTANYŇ HOJALYK SUBÝEKTLERINIŇ GURAMAÇYLYK-HUKUK GÖRNÜŞLERINIŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY (GHGDK)

**Resmi neşir**

**«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy**
**Aşgabat**

## Sözbaşy

1. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan IŞLENIP TAÝÝARLANDY WE HÖDÜRLENDI

2. “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň **2012-nji ýylyň 16 mart aýylyň № 46** buýrugy bilen TASSYKLANDY WE GÜÝJE GIRIZILDI

3. TDS 583-2001 DEREGINE

Su standarty «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugyndan rugsatsyz doly ýa-da bölekleýin görnüşde täzeden ýazmak, köpeltmek we ýaýratmak gadagan.

# M a z m u n y

1 Ulanylýan ugurlary ……………………………………... 1
2 Klassifikasiýanyň obýektleri ……………………………. 1
3 Kadalaşdyryjy resminamalar ……………………………. 2
4 Klassifikatoryň düzümi …......…………………………… 2
5 Klassifikatoryň ýöredilişi ……………………………..… 2
6 Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory …..…………… 4
A Goşundy (maglumat häsiýetli) Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleri barada esasy kadalaşdyryjy hukuk namalary........................................... 5
B Goşundy(maglumat häsiýetli) Türkmenistanyň statistikasynda ulanylýan hukuk birlikleriň görnüşleri …. 13

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY

## Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory

## Государственный классификатор организационно-правовых форм хозяйствующих субъектов Туркменистана

## State classification of organizational and legal forms of managing branches of Turkmenistan

Girizilen senesi: **2012-04-01**

### 1 Ulanylýan ugurlary

Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory (mundan beýläk GHGDK) Türkmenistanyň durmuş we tehniki-ykdysady maglumatlaryny toparlara bölmegiň we kodlamagyň ýeke-täk ulgamynyň düzümine girýär.

GHGDK aşakdakylar üçin niýetlenilýär:

hojalyk subýektleri baradaky maglumatlary içine alýan bellige alnyşlaryň, sanawlaryň, kadastrlaryň maglumat baýlyklaryny emele getirmek;

statistika, ykdysadyýet, salgyt salmak ulgamy ugrundaky we emlägi ulanmak bilen bagly beýleki ulgamlarynda analitik meseleleri çözmek;

maglumatlar ulgamlarynyň utgaşdyrylyşyny üpjün etmek, tehniki - ykdysady we durmuş maglumatlary awtomatlaşdyrylan usulda işläp taýýarlamak işlerini geçirmek;

durmuş-ykdysady işleriň derňewi we çaklanyşy, ykdysadyýeti kadalaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlamak.

Guramaçylyk-hukuk görnüşi diýip, hojalyk subýekti tarapyndan emlägi berkitmekligiň we ulanylmaklygyň usulyna we onuň şondan gelip çykýan hukuk ýagdaýyna we hojalyk işiniň maksadyna düşünilýär.

### 2 Klassifikasiýanyň obýektleri

GHGDK-nyň klassifikasiýa obýektleri Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan bellenilen hojalyk subýektleriniň guramaçylyk – hukuk görnüşleri bolup durýarlar (Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleri barada esasy kadalaşdyryjy hukuk namalary – A goşundy).

Resmi neşir

## 3 Kadalaşdyryjy resminamalar

Şu standartda aşakdaky kadalaşdyryjy hukuk namalara salgylanmalar ulanyldy:

“Kärhanalar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 15.06.2000 ý. we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp;

“Paýdarlar jemgyýetleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny 23.11.1999 ý. we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp;

“Daýhan birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 30.03.2007 ý.;

“Daýhan hojalygy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 09.11.2013 ý.;

“Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 03.05.2014 ý.;

“Syýasy partiýalar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 10.01.2012 ý.;

“Alyjylar kooperasiýasy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 12.11.1991 ý. we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp;

“Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny” 17.07.1998 ý. we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp;

“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny (25.10.2004 ý., 27.12.2005 ý., we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp).

## 4 Klassifikatoryň düzümi

GHGDK-nyň bölümleriniň atlary BMG-niň milli hasaplar ulgamynda kabul edilen bazar ykdysadyýetiniň institusional birlikleriniň (hojalyk subýektleriniň) halkara klassifikasiýa adalgalaryna laýyklykda kesgitlenildi.

Klassifikator düzümi boýunça:

klassifikasion koddan (kodlamagyň yzygiderli usuly boýunça düzülen sanlardan);

guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň adyndan ýa-da toparlara bölünmeginden ybaratdyr.

## 5 Klassifikatory ýöretmek

GHGDK-ny ýöretmek şu aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

5.1 Klassifikatoryň etalon nusgasyny Türmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti ýöredýär.

5.2 Klassifikatora üýtgetmeleri taýýarlamagy Türkmenistanyň kanunçylygyndaky üýtgetmeleri hasaba almak bilen şeýle hem ministrlikleriň we pudak edaralarynyň tekliplerini hasaba almak bilen “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy bilen ylalaşyk arkaly Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan amala aşyrylýar.

5.3 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti etalon nusgasyna üýtgetmeler girizmegi we girizilen üýtgetmeler, olary herekete girizmegiň tertibi we möhleti barada ministrliklere we pudak edaralaryna habar bermegi amala aşyrýar.

## 6 Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň döwlet klassifikatory

| Kody | Ady |
|---|---|
| **A** | **Telekeçi ýuridiki şahslar** |
| **110** | Döwlet kärhanalary |
| **140** | Hususy kärhanalar |
| **150** | Daýhan hojalyklary |
| **160** | Golçur kärhanalary |
| **170** | Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary |
| **180** | Alyjylar jemgyýetleri birleşiginiň kärhanalary |
| **190** | Bilelikdäki kärhanalar |
| **210** | Hojalyk jemgyýetleri |
| **220** | Paýdarlar jemgyýetleri |
| ***221*** | *Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri* |
| ***222*** | *Ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleri* |
| **230** | Hyzmatdaşlyk kärhanalary |
| **240** | Jogapkärçiligi çäklendirilen şereketler |
| **310** | Edara görnüşli taraplaryň birleşikleri (birleşmeler we ş.m) |
| **320** | Daýhan birleşikleri |
| **330** | Assosiasiýalar |
| **340** | Konsernler |
| **350** | Korporasiýalar |
| **360** | Konsorsiumlar |
| **410** | Alyjylar jemgyýeti |
| **420** | Alyjylar jemgyýetleriniň birleşigi |
| **490** | Beýleki telekeçi taraplar |
| **B** | **Edaralar** |
| **510** | Edaralar |
| **Ç** | **Telekeçi däl ýuridiki şahslar** |
| **610** | Gaznalar (durmuşy, haýyr-sahawat we beýlekiler) |
| **620** | Jemgyýetçilik birleşikleri (dini guramalary goşmazdan) |
| ***621*** | *Jemgyýetçilik guramasy* |
| ***622*** | *Jemgyýetçilik hereketi* |
| ***623*** | *Jemgyýetçilik gaznasy* |
| ***624*** | *Jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasy* |
| ***625*** | *Syýasy partiýalar* |
| **630** | Dini guramalar |
| **690** | Beýleki telekeçi däl taraplar |
| **D** | **Ýuridiki şahslar döretmeýän guramalar, hususy telekeçiler** |
| **710** | Wekillikler |
| **720** | Şahamçalar |
| **730** | Hususy telekeçiler |

## A Goşundy
(maglumat häsiýetli)

## Türkmenistanyň hojalyk subýektleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşleri barada esasy kadalaşdyryjy hukuk namalary

Goşundyda GHGDK-da ulanylýan esasy düşünjeleriň mazmunyny açyp görkezýän Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalary ulanylandyr.

### "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanuny
(15.06.2000 ý. kabul edilen we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp)

**Kärhana** hökmünde önüm öndürmek, harytlary ýerleşdirmek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar üçin jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýekti hasaplanýar. (1-nji madda).

Kärhanalar şu aşakdaky guramaçylyk – hukuk görnüşlerde işi amala aşyrýarlar, ýagny döwlet kärhanasy; ýekebara kärhana; hyzmatdaşlyk kärhanasy; bilelikdäki kärhana; jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy; hojalyk şereketi; paýdarlar jemgyýeti (24-nji madda).

**Döwlet kärhanasy** – munuň özi döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilen ýa-da bellenilen tertipde döwlet eýeçiligine berlen kärhanadyr, ol özüne berkidilen emläge eýelik edýär, peýdalanýar we ygtyýarlyk edýär (25-nji madda).

Döwlet kärhanasy öz borçnamalary boýunça özüne degişli ähli emläk bilen jogap berýär. Döwlet kärhanasy esaslandyryjynyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, kärhananyň esaslandyryjysy bolsa, kärhana berkidilen emläkden başgasyna kärhananyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär (25-nji madda).

**Ýekebara kärhana** diýlip, bir fiziki tarapa degişli bolan kärhana hasaplanylýar (26-njy madda).

Ýekebara kärhana emlägiň eýesiniň çözgüdi boýunça döredilýär. Ýekebara kärhana beýleki bir eýä degişli kärhananyň fiziki tarap tarapyndan edinilmegi netijesinde döredilip bilner (26-njy madda).

Ýekebara kärhananyň eýesi ýekebara kärhananyň alan borçnamalary boýunça doly emläk jogapkärçiligini çekýär (26-njy madda).

**Hyzmatdaşlyk kärhanasy** diýlip, onuň işine her bir agzasynyň şahsy gatnaşmagyna esaslanýan kärhana hasaplanylýar (27-nji madda).

Hyzmatdaşlyk kärhanasynyň emlägi onuň agzalarynyň pul we emläk tölegleriniň hasabyna, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik girdejileriň we başga çeşmeleriň hasabyna emele getirilýär. Hyzmatdaşlyk kärhanasy öz eýeçiliginiň çäklerinde öz üstüne alan borçnamalary

boýunça jogapkärçilik çekýär. Hyzmatdaşlyk kärhanasynyň paýçylary öz paýynyň çäklerinde kärhananyň borçnamalary boýunça raýdaş jogapkärçilik çekýärler (27-nji madda).

**Bilelikdäki kärhana** – Türkmenistanyň fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslarynyň hem-de daşary ýurt döwletleriniň fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslarynyň umumylaşdyrylan emläkleriniň hasabyna peýda görmek maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döredilen kärhana.

Bilelikdäki kärhananyň emlägi onuň gatnaşyjylary bolan fiziki we (ýa-da) ýuridik şahslaryň esaslyk maýasyndaky paýlarynyň (goýumlarynyň) birleşmeginiň, şeýle hem girdejileriň hasabyna emele gelýär.

Bilelikdäki kärhana öz üstüne alan borçnamalary boýunça öz eýeçiliginiň çäklerinde jogapkärçilik çekýär.

Bilelikdäki kärhananyň ýokary guramasy oňa gatnaşyjylaryň umumy ýygnagydyr. Umumy ýygnagy çagyrmagyň we geçirmegiň möhletleri, tertibi bilelikdäki kärhananyň esaslandyryş resminamalary boýunça kesgitlenilýär ($27^1$-nji madda).

**Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary** hökmünde jemgyýetçilik birleşikleri, dini guramalar, haýyr - sahawat ýa-da gaýry jemgyýetçilik hazynalary tarapyndan döredilýän kärhanalar hasaplanylýar (28-nji madda).

Jemgyýetçilik guramalarynyň kärhanalary şol guramalaryň serişdeleriniň we (ýa-da) beýleki esaslandyryjylaryň serişdeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki pul we emläk serişdeleriniň hasabyna döredilýärler (28-nji madda).

Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy özüne degişli ähli emläk bilen öz borçnamalary boýunça jogap berýär (28-nji madda).

Jemgyýetçilik guramasynyň kärhanasy onuň eýesiniň emläk borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, kärhananyň eýesi kärhana berkidilen emläkden başgasyna kärhananyň borçnamalaryna jogap bermeýär (28-nji madda).

**Hojalyk şereketi** diýlip, bilelikdäki işi amala aşyrmak üçin iki we şondan köpräk fiziki we (ýa-da) edara görnüşindäki taraplaryň birleşigi hasaplanylýar (29-njy madda).

Hojalyk şereketiniň emlägi hojalyk şereketine gatnaşyjylar bolan fiziki we (ýa-da) edara görnüşindäki taraplaryň esaslyk maýasyndaky paýlaryň (goýumlaryň) birleşmeginiň hasabyna emele gelýär (29-njy madda).

Emläk jogapkärçiliginiň görnüşlerine baglylykda gatnaşyjylar şereketiň borçnamalary boýunça öz ähli emlägi bilen biri-biri bilen raýdaş jogapkärçilik çekýän hojalyk şereketi döredilip bilner, şeýle hem gatnaşyjylar tarapyndan şereketiň esaslyk maýasyndaky öz goýumlarynyň (paýlarynyň) möçberleriniň çäklerinde jogapkärçilik çekýän hojalyk şereketleri döredilip bilner (29-njy madda).

**Golçur kärhanasy**. Kärhanalaryň edara görnüşindäki tarapyň hukugy bilen golçur kärhanalaryny döretmäge hukugy bardyr. Eger kärhananyň esaslyk maýasynyň ýa-da emläginiň 50 göterimden köp, ýöne 100 göterimden az bölegi

başga kärhana degişli bolsa, şonuň ýaly kärhana garanda ol golçur kärhanasy bolýar. Golçur kärhanasy döwlet belligine alynmaga degişlidir (31-nji madda).

**Wekillikler we şahamçalar**. Kärhanalaryň öz wekilliklerini we şahamçalaryny döretmäge hukugy bardyr, ýöne olar edara görnüşindäki tarap däldirler (31-nji madda).

Türkmenistanyň kärhanalary daşary ýurt döwletleriniň çäklerinde olaryň milli kanunçylygyna laýyklykda we Türkmenistanyň halkara şertnamalary esasynda özüniň golçur kärhanalaryny, şahamçalaryny, wekilliklerini we beýleki aýry kiçi bölümlerini döretmäge haklydyr (31-nji madda).

Kärhanalar öz aralaryndaky şertnama boýunça edara görnüşindäki tarapyň hukuklaryna eýe bolan assosiasiýalara, konsernlere we birleşikleriň beýleki görnüşlerine birleşip bilerler (33-nji madda).

Assosiasiýanyň, konserniň we birleşigiň beýleki görnüşiniň düzümine girýän kärhana öz özbaşdaklygyny, edara görnüşindäki tarapyň hukuklaryny we borçlaryny saklap galýar (33-nji madda).

Assosiasiýa, konsern we birleşigiň beýleki görnüşi şolara girýän kärhanalar tarapyndan tassyklanylan esaslyk maýasynyň esasynda hereker edýärler we olar bilen baglaşylan şertnamalar esasynda öz wezipelerini ýerine ýetirýärler. Olaryň işiniň maksady we esasy wezipeleri olara girýän kärhanalaryň işleri ýa-da islegleri bilen baglanyşykly bolmalydyr (33-nji madda).

Assosiasiýa, konsern we birleşigiň beýleki görnüşi oňa girýän kärhanalaryň borçnamalary boýunça jogap bermeýär, kärhanalar bolsa, eger birleşigiň esaslyk maýasy tarapyndan başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, birleşigiň borçnamalary boýunça jogap bermeýärler (33-nji madda).

**“Paýdarlar jemgyýetleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny**

(23.11. 1999 ý. kabul edilen we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp)

**Paýdarlar jemgyýeti** (mundan beýläk-jemgyýet) paýdarlar jemgyýetine gatnaşyjylaryň paýdarlar jemgyýetleri babatdaky hökmanylyk hukuklaryny tassyklaýan, aksiýalaryň belli bir sanyna bölünen fiziki we (ýa-da) edara görnüşindäki şahslaryň goýumlarynyň esaslyk gaznasyna (maýasyna) birleşen kärhanasydyr (1-nji madda).

Jemgyýet edara görnüşindäki şahsdyr, eýeçiliginde öz aýrybaşgalaşan emlägi bardyr hem-de öz adyndan emläk we şahsy emläk däl hukuklary edinmäge we amala aşyrmaga, borçlar çekmäge, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolmaga haklydyr (3-nji madda).

Jemgyýet öz borçnamalary boýunça özüne degişli ähli emlägi bilen jogapkärçilik çekýär, oňa Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda temmi berlip bilner. Döwlet jemgyýetiň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, şeýle-de jemgyýet hem döwletiň we onuň edaralarynyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär. Jemgyýet öz paýdarlarynyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, şeýle-de paýdarlar hem jemgyýetiň borçnamalary

boýunça jogap bermeýärler hem-de onuň işi bilen baglanyşykly ýitgileriň töwekgelçiligini diňe özlerine degişli aksiýalaryň gymmatynyň çäklerinde çekýärler (3-nji madda).

Jemgyýet açyk ýa-da ýapyk bolup biler, bu onuň esaslandyryş resminamasynda görkezilýär (5-nji madda).

**Açyk jemgyýet** öz çykarýan aksiýalaryna açyk ýazylyşyk geçirmäge we şu Kanunyň hem-de Türkmenistanyň gaýry hukuk namalarynyň talaplaryna laýyklykda, olary erkin satmaga haklydyr. Açyk jemgyýetiň paýdarlary bu jemgyýetiň beýleki paýdarlarynyň razylygy bolmazdan özlerine degişli aksiýalary aýrybaşgalap bilerler (5-nji madda).

Aksiýalary diňe ony esaslandyryjylaryň ýa-da öňünden kesgitlenen gaýry adamlar toparynyň arasynda paýlanylýan jemgyýet **ýapyk jemgyýetdir**. Şeýle jemgyýetiň öz çykarýan aksiýalaryna açyk ýazylyşyk geçirmäge haky ýokdur (5-nji madda).

Ýapyk jemgyýetiň paýdarlary jemgyýetiň ýa-da bu jemgyýetiň beýleki paýdarlarynyň satýan aksiýalaryny edinmekde artykmaç hukuga eýedirler (5-nji madda).

**“Daýhan birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny**
(30.03.2007 ý. kabul edilen)

**Daýhan birleşigi** – munuň özi oba hojalyk önümçiligini guramak üçin döredilýän we gatyşyk eýeçilige esaslanýan edara görnüşli tarapdyr (1-nji madda).

Daýhan birleşiginiň maliýe serişdeleri kärendeçileriň we beýleki önüm öndürijileriň hem-de ýerden peýdalanyjylaryň girdejilerinden Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän möçberlerde geçirimleriň, şeýle hem öz işiniň ähli görnüşlerinden, karzlaryndan, ssudalaryndan we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki gelip gowuşýan ähli girdejileriň hasabyna döredilýär (6-njy madda).

Daýhan birleşigi özüne degişli maliýe serişdelerini özbaşdak peýdalanýar we hasaplaşyklar boýunça borçnamalaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün edýär (6-njy madda).

Daýhan birleşikleri öz işinde özbaşdakdyr (16-njy madda).

**“Daýhan hojalygy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny**
(09.11.2013 ý. kabul edilen)

**Daýhan hojalygy** oba hojalyk önümçiligini bilelikde alyp barmak üçin bir ýa-da birnäçe maşgalanyň agzalary tarapyndan döredilýän oba hojalyk kärhanasydyr. (1-nji madda).

Daýhan hojalygynyň eýeçiliginde hojalyk jaýlary we gaýry jaýlar, baglar, önüm berýän hem-de iş mallary (guşlar), oba hojalyk tehnikalary we gurallary, ulag serişdeleri hem-de oba hojalyk önümçiligini özbaşdak alyp barmak, öz öndüren önümini saklamak, ýerlemek, gaýtadan işlemek üçin zerur bolan beýleki emläkler bolup biler (3-nji madda).

Daýhan hojalygy özbaşdak önümçilik birligi bolup durýar (4-njy madda).

Daýhan hojalygynyň emlägi, onuň hojalyk işi döwlet tarapyndan goralýar (15-nji madda).

Daýhan hojalygy öz borçnamalary boýunça emlägi bilen jogap berýär.Döwlet daýhan hojalygynyň borçnamalary babatda jogapkärçilik çekmeýär, daýhan hojalygy hem döwletiň borçnamalary babatda jogapkärçilik çekmeýär (15-nji madda).

**“Alyjylar kooperasiýasy hakynda ” Türkmenistanyň Kanuny**
(12.11.1991 ý. kabul edilen we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp)

**Türkmenistanyň alyjylar kooperasiýasy** paýçylaryň (fiziki we ýuridiki taraplar) harytlara we hyzmatlara bolan isleglerini has doly kanagatlandyrmak maksady bilen olary meýletinlik başlangyçlarda birleşdirýän jemgyýetçilik-hojalyk guramasydyr (1-nji madda).

**Alyjylar jemgyýeti** ýuridik tarapdyr, hojalyk hasaplaşygy ýörelgeleri esasda hereket edýär, şu Kanunda we öz esaslyk maýasynda göz öňünde tutulýan hukuklardan peýdalanýar we borçlary ýerine ýetirýär, onuň özbaşdak balansy bolýar (4-nji madda).

**Alyjylar jemgyýetleriniň birleşmesi** alyjylar jemgyýetleriniň işini ugrukdyrýar, degişli döwlet organlarynda we beýleki organlarda olaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny üpjün edýär.

Alyjylar jemgyýetleriniň birleşmesi ýuridik taraplardyr, hojalyk hasaplaşygy ýörelgeleri esasynda hereket edýär, şu Kanunda we öz esaslyk maýasynda göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanýar we borçlary ýerine ýetirýär, olaryň özbaşdak balanslary bolýar (5-nji madda).

Alyjylar kooperasiýasynyň kärhanalary, birleşikleri, edaralary we guramalary, şeýle hem olaryň ýerine ýetiriji, serenjam beriji organlary ýuridik taraplardyr (6-njy madda).

Alyjylar kooperasiýasynyň kärhanalarynyň we guramalarynyň beýleki kärhanalar, guramalar we raýatlar bilen hojalyk gatnaşyklary şertnamalaýyn esasda guralýar. Olar şertnamanyň predmetini saýlamakda borçlary we özara gatnaşyklaryň kanunçylyga ters gelmeýän her bir başga şertlerini kesgitlemekde erkindir (6-njy madda).

**“Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny**
(03.05.2014 ý. kabul edilen)

**Jemgyýetçilik birleşigi** – bu, raýatlaryň başlangyjy boýunça döredilen, jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda beýan edilen umumy maksatlary durmuşa geçirmek üçin bähbitleriň umumylygy esasynda birleşen meýletin, öz-özüni dolandyrýan, täjirçilik däl birikmedir (1-nji madda).

Şu Kanunyň täsiri dini guramalardan, täjirçilik guramalary tarapyndan döredilýän täjirçilik däl birleşmelerden (assosiasiýalardan) başga, raýatlaryň başlangyjy boýunça döredilen jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidir (3-nji madda).

Türkmenistanda jemgyýetçilik birleşikleri şu aşakdaky guramaçylyk-hukuk görnüşlerinde döredilip bilner:

1) jemgyýetçilik guramasy;
2) jemgyýetçilik hereketi;
3) jemgyýetçilik gaznasy;
4) jemgyýetçilik höwesjeňlik edarasy (12-nji madda).

**Jemgyýetçilik guramasy** birleşen raýatlaryň umumy bähbitlerini goramak we tertipnamalaýyn maksatlaryna ýetmekleri üçin bilelikdäki işi esasynda döredilen, agzalyga esaslanan jemgyýetçilik birleşigi bolup durýar (13-nji madda).

**Jemgyýetçilik hereketi** gatnaşyjylardan ybarat bolan we agzalygy bolmadyk, jemgyýetçilik hereketiniň gatnaşyjylary tarapyndan goldanylýan, durmuş, syýasy we beýleki jemgyýete peýdaly maksatlara eýerýän köpçülikleýin jemgyýetçilik birleşigi bolup durýar (14-nji madda).

**Jemgyýetçilik gaznasy** täjirçilik däl gaznalaryň görnüşleriniň biri bolup, ol agzalygy bolmadyk jemgyýetçilik birleşiginden ybaratdyr, onuň maksady meýletin gatançlaryň, Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki gelip gowuşmalaryň esasynda emlägi emele getirmekden we şol emlägi jemgyýetçilige peýdaly maksatlar üçin peýdalanmakdan ybarat bolup durýar. Jemgyýetçilik gaznasyny esaslandyryjylaryň we onuň emlägini dolandyryjylaryň görkezilen emlägi hususy bähbitleri üçin peýdalanmaga haky ýokdur (15-nji madda).

**Jemgyýetçilik höwesjenlik edarasy** bähbitleri jemgyýetçilik höwesjenlik edarasynyň tertipnamalaýyn maksatlaryny we maksatnamalaryny onuň döredilýän ýeri boýunça durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly bolup durýan adamlar toparynyň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen, özüniň maksady raýatlaryň ýaşaýan, okaýan ýa-da işleýän ýerinde ýüze çykýan dürli durmuş meselelerini bilelikde çözmek bolup durýan agzalygy bolmadyk jemgyýetçilik birleşigi bolup durýar (16-nji madda).

Jemgyýetçilik birleşikleri özleriniň tertipnamalarynda bellenilen işini maddy taýdan üpjün etmek üçin zerur bolan jaýlary, binalar, desgalary, ýaşaýyş jaý gaznasyny, ulaglary, enjamlary, gurallary, medeni an-bilim we sagaldyş maksatly emlägi, pul serişdelerini, paýnamalary, beýleki gymmatly kagyzlary we başga emlägi eýeçiliginde edinip bilerler. Döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygy nukdaýnazaryndan Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen jemgyýetçilik birleşiginiň eýeçiliginde bolup bilmejek emläkleriň görnüşleri bellenilip bilner (28-nji madda).

Jemgyýetçilik birleşikleriniň eýeçiliginde olaryň tertipnamalaýyn maksatlaryna laýyklykda hususy serişdeleriniň hasabyna döredilýän hem-de edinilýän edaralar, neşirýatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem bolup bilerler (28-nji madda).

Jemgyýetçilik birleşiginiň guramaçylyk gurluşlary jemgyýetçilik birleşiginiň emlägini şol jemgyýetçilik birleşiginiň tertipnamasynda kesgilenen çäklerde ulanmaga haklydyr (28-nji madda).

Ýuridik şahsyň hukugy berlen jemgyýetçilik birleşiginiň guramaçylyk gurluşlarynyň aýratyn balansy we gündelik (hasaplaşyk) bank hasaby bar, şeýle hem banklarda we karz edaralarynda başga hasabatlary bolup biler (28-nji madda).

**“Syýasy partiýalar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny**
(10.01.2012 ý. kabul edilen)

**Syýasy partiýa** – munuň özi Türkmenistanyň raýatlarynyň syýasy erk-islegini emele getirmek we ony erkin beýan etmek, saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak arkaly jemgyýetiň syýasy durmuşyna gatnaşmak, şeýle hem döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda raýatlaryň bähbitlerine wekilçilik etmek maksady bilen meýletin esasda döredilen jemgyýetçilik birleşigidir (1-nji madda).

**Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny**
(17.07.1998 ý. kabul edilen we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp)

Emlägi peýdalanmak, harytlary satmak, işleri ýerine ýetirmek ýa-da şahslara hyzmat etmek arkaly birsyhly peýda almaga gönükdirilen özbaşdak we öz töwekgelligiň bilen amala aşyrylýan iş **telekeçilik işi** hasaplanýar (2-nji madda).

Eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama **ýuridiki şahs** diýlip ykrar edilýär (48-nji madda).

Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen telekeçilik (kommersiýa) işinden ybarat bolan ýuridiki şahslar telekeçi ýuridiki şahslar bolup durýarlar. Telekeçi ýurudiki şahslar kanuna laýyklykda döredilýär (50-nji madda).

Özleriniň wezipesi peýda almak maksady bilen **telekeçili**k (kommersiýa) işinden ybarat bolmadyk ýuridiki şahslar telekeçi däl ýuridiki şahslar bolup durýarlar. Kömekçi häsiýete eýe bolan telekeçilik işi **telekeçi däl** ýuridiki şahsyň häsiýetini üýtgetmeýär. Telekeçi däl ýuridiki şahslar jemgyýetçilik guramalary we fondlar görnüşinde döredilýär (51-nji madda).

Eger birnäçe şahs özleriniň öňünde umumy maksady goýýan bolsa, özem ýuridiki şahsyň dowam etmegi onuň düzümindäki agzalaryň üýtgemegine bagly bolmaýan bolsa, onda şeýle ýuridiki şahs **jemgyýetçilik guramasy** bolýar. Jemgyýetçilik guramany döretmek üçin azyndan agzalaryň bäşisi zerurdyr (51-nji madda).

Döredijileriň biri ýa-da birnäçesi jemgyýet üçin umumy peýdaly maksady gazanmak üçin ýörite emlägini agzalary bolmadyk garaşsyz subýektiň eýeçiligine berýän mahalynda ýuridiki şahs **gazna** bolýar (51-nji madda).

Ýuridiki şahsyň bolýan ýerinden daşarda ýerleşen hem-de ýuridiki şahsyň bähbitlerini goraýan we oňa wekilçilik edýän, onuň adyndan geleşikleri baglaşýan we beýleki ýuridiki hereketleri amala aşyrýan aýrybaşga bölümi wekillik hasaplanýar (56-njy madda).

Ýuridiki şahsyň ýerleşýän ýerinden daşarda ýerleşen we onuň etmeli işleriniň, şol sanda wekilligiň etmeli işleriniň hemmesini ýa-da bir bölegini amala aşyrýan aýrybaşga bölümi şahamça hasaplanýar (56-njy madda).

**Wekillikler we şahamçalar** ýuridiki şahs däldir. Olary döreden ýuridiki şahs olara emläk berýär we olar ýuridiki şahsyň tassyklanan düzgünleri esasynda hereket edýärler (56-njy madda).

Indiwidual eýeleri ählisi bilelikde ýaşaýyş jaý eýeleriniň şereketini emele getirýär, bu şereket bolsa ýuridiki şahs däldir (229-njy madda).

Jaý eýesiniň bu jaýlaryň eýeleriniň şereketini ýatyrmagy talap etmäge haky ýokdur. Şeýle talaba diňe jaý doly ýa-da kem-käs ýykylan-ýumrulan mahalynda ýol berilýär (229-njy madda).

**“Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny**

(25.10.2004 ý., 27.12.2005 ý. we ondan soňky ýyllarda girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba alyp)

Salgyt – döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşli şahsy taraplardan alynýan, Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir (7-nji madda).

Şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda kesgitli salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we (ýa-da) edara görnüşli taraplar salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýär (12-nji madda).

Şahsy tarap Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde hususy telekeçi diýlip ykrar edilýär.

Taraplaryň görkezilen toparlaryna daşary döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan hususy telekeçiler hem degişlidir (15-nji madda).

**Goşundy B**

(maglumat häsiýetli)

**Türkmenistanyň statistikasynda ulanylýan hukuk birlikleriň görnüşleri**

***Edara*** diýip, eýesi tarapyndan dolandyryş, durmuş-medeni ýa-da täjirçilik däl häsiýetli beýleki işleri amala aşyrmak üçin  we ol tarapyndan bölekleýin ýa-da doly maliýeleşdirilýän gurama düşünilýär.

***Assosiasiýa*** – hojalyk işlerini hemişelik ugrukdyryp durmak maksady bilen döredilen şertnamalaýyn birleşikdir. Assosiasiýanyň oňa gatnaşyjylaryň önümçilik we täjirçilik işlerine goşulmaga hukugy ýokdur.

***Korporasiýa*** – önümçilik, ylmy we täjirçilik bähbitleriň birleşdirilmegi esasynda döredilen, her bir gatnaşyjynyň merkezleşdirilen iş dolandyryşygyna aýratyn ygtyýarly wekilçiligi bolan şertnamalaýyn birleşikdir.

***Konsern*** – maliýe babatda telekeçiler toparyndan ya-da olaryň haýsam bolsa birinden doly suratda garaşlylyk esasynda senagat, ylmy guramalar, ulag, bank, söwda we ş.m. kärhanalaryň düzgünnamaly birleşigidir.

***Konsorsium*** – garaşsyz kärhanalaryň we guramalaryň telekeçilik işlerini sazlaşykly alyp barmak maksady bilen wagtlaýyn birleşiginiň guramaçylyk görnüşi.

***Edara görnüşli taraplaryň birleşikleri (birleşmeler we ş. m.)*** Täjirçilik guramalar telekeçilik işlerini ugrukdyrmak, şeýle hem umumy emläk bähbitlerini bermek we goramak maksady bilen öz aralarynda şertnama boýunça assosiasiýalar we birleşmeler görnüşindäki täjirçilik bilen meşgullanmaýan birleşikleri döredip bilerler. Täjirçilik bilen meşgullanmaýan jemgyýetçilik we beýleki guramalar, şol sanda edaralar bu guramalaryň täjirçilik bilen meşgullanmaýan assosiasiýalaryna (birleşmelerine) meýletin birleşip bilerler. Diňe edara görnüşli taraplar birleşiklere agza bolup bilerler. Assosiýasiýanyň ýa-da birleşmäniň agzalary birleşige girenlerinde edara görnüşli tarap hökmünde öz esaslandyryjy resminamasynda göz öňünde tutulan hemme hukuklaryny we borçlaryny saklap galýarlar. Edara görnüşli taraplaryň birleşiginiň özüniň edara görnüşli tarap bolanlygy üçin edara görnüşli taraplaryň jogapkärçiligi hakyndaky düzgünler olara-da degişlidir. Birleşigiň agzalary onuň borçnamalary boýunça ýardam edijilik jogapkärçiligine borçludyrlar. Assosiasiýanyň (birleşmäniň) agzalary olaryň hyzmatlaryndan mugtuna peýdalanmaga haklydyrlar.

***Hususy telekeçiler*** diýlip, edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işleri bilen meşgullanýan, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde döwlet belliginden geçen raýatlara düşünilýär.

---

**UDK** **DSK 01.140.20**

Esasy sözler: döwlet klassifikatory, guramaçylyk-hukuk görnüşleri, kody, ady, Türkmenistanyň Kanunlary.